# Rim hukugyna laýyklykda jynsy çygyrdaky jenaýatlar

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Rim hukugyna laýyklykda jynsy çygyrdaky jenaýatlar RIM HUKUGYNA LAÝYKLYKDA JYNSY ÇYGYRDAKY JENAÝATLAR




Rim hukugy gadymy rim durmuşynyñ hemme ugruna ornaşan başly-barat ulgam bolup, bu ulgamyñ jynsy çygyrdaky jenaýatlara çemeleşmesi taryhy taýdanam, hukuk taýdan möhüm ähmiýete eýe meseledir. Bu başly-barat kanuny çarçuwanyñ çäginde jynsy etmişler şol wagtyñ agalyk sürýän sosial normalaryny we jynsyýet rollaryny orta atyp biljek görnüşde kesgitlendi we üstünde durlup geçildi.
Rim hukugyna laýyklykda jynsy çygyrdaky jenaýatlar zynadan gullara garşy edilen jenaýatlara çenli giñ temadaky etmişleri öz içine alýardy. Jezalar munuñ bilen baglanyşykly adamlaryñ ýagdaýyna, jemgyýetde tutýan ornuna görä üýtgäpdur.

Senzuraçylar ýaly kanuny hökmürowanlar düzgün bozulmalary jezalandyrmaga bolan ygtyýarlyklary arkaly ahlak tertibini goramakda möhüm rol oýnapdyr. Respublika we imperiýa döwürlerine degişli hukuk tekstleri jynsy zorluk boýunça kanunlaryň kämilleşme prosesine we bu kanunlaryň goranmak üçin işläp düzen has giňiş jemgyýetçilik gymmatlyklary barada maglumatlary berýär.

Gadymy Rimiň hukuk sistemasy Günbatar hukugynyň binýadyny tutdy. Ýüzlerçe ýylyň dowamynda ösdi, jemgyýetçilik üýtgeşmelere we başly-barat dolandyryş apparatynyň bildirýän talaplaryna uýgunlaşdy. Respublika döwründe Rim hukuhynyň ilkinji kanunylaşdyrylmagy ýagdaýyna gelen we has sistemaly hukuk düzgünine geçişiň signalyny beren «On iki tabel» ýazyldy.

Rim imperiýa döwrüne geçende hukuk hukyk düzgünlerini şekillendirýän imperatorlar we hukukçylaryň ugrukdyrmagy bilen hasam baýlaşypdyr. Hukyk indi diňe ýokary gatlaklaryň ygtyýarlygynda bolman, jemgyýetçilik dolandyryşy üçin has giň gurşawly apparata öwrülipdir. Hukuk ýazgylarynyň giňişleýin ýygyndysy bolan «Diges», kanunlaryň we konsepsiýalryň ýygyndysy bolan «Kodeks» hem-de hukuk gollanmasy institutlar bilen birlikde «Corpus Juris Civilis» («Свод Юстиниана» или «Кодификация Юстиниана») diýilýän giň gurşawly kanun taýýarlanypdyr.

VI asyrda imperator Ýustinianyň görkezmesi bilen işlenip düzülen bu memorial iş ýüzlerçe ýyllap dowam eden hukuk düşünjesini we düzgünlerini berkitmegi hem-de derňemegi maksat edinipdir. Rim hukugy zamanabap hukuk kadalarynyň binýadyny düzüän düşünjeleri bilen dünýä derejesinde san-sajaksyz hukuk sistemasyna täsirini ýetiripdir. Rim hukugynyň prosesi we gurluşy medeniýetiň hukuk taryhynyň üstündäki düýpli täsiriniň güýçli subutnamasy bolmagynda galýar.

Rim hukugynyň binýady, ýazuw kanunlary, hukuk salgylanmalary we ylmy düşündirişler bilen birlikde dürli çeşmelerden dokalan garym-gatym dokma önümi ýaly bir zat. Wagtyň geçmegi bilen grek pelsepesinden taglymlar alyp, täze orta çykan hukuk düşünjeleri bilen agalyk sürýän jemgyýetçilik normalarynyň arasynda baý täsirlenmedigini orta goýupdyr.

Rim hukugy ilkibaşda ýazuw kanunlaryndan hem-de öňden bäri dowam edip gelýän düzgünlerden düzülipdir. B.e.öňki 450-nji ýyllarda ýazylan «On iki tabel» Rim kanunlarynyň iň köne

kodifikasiýalarynyň biri bolup hyzmat edipdir.
Kodlanan kanunlar bilen ýörelgeleriň ýa-da «mos maiorum» arasyndaky bu bölünişik Rim hukuk ýörepgeleri we raýatlaryň hak-hukuklaryna ugur kesgitländigi üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýedi. Wagtyň geçmegi bilen hukuk ýygyndysyna has köp goşant goşan täze düzedişler we praetorian permanlar çykarylypdyr.
Alymlar tarapyndan taýýarlanan hukuk tekstleri Rim hukuk düzgünleriniň formulirlenmeginde möhüm rol oýnapdyr. Bu awtorlaryň arasynda iň esasylary tekstleri bilen hukugyň hemmelere düşnükli bolmagyna we ýerine ýetirilmegine sistematiki çemeleşme geyiren Gaý bilen Ulpian bolupdyr.
Gaýyň institutlary proseduralary detallaýyn düşündirýän gözýetimiñi giñeldij8 hukuk edebiýatynyň ajaýyp nusgasydyr. Başga bir täsirli hukukçy Paulýus bolsa hukuk teoriýalarynyň ösüşine köp derejede goşant goşupdyr. Olaryň ýazgylary geljekki nesil rimli hukukçylara görkezme bermek we ýol görkeziji bolmak üçin ulanylypdyr.
Umut ATASEWEN,
gadymydünýä taryhçysy / @atasevenoffica

Duşenbe, 19.08.2024 ý. Taryhy makalalar